# Tehnologiýa we biz

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tehnologiýa we biz **Aşyrgeldi Baýramowyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Şenbe, 20.05.2023 ý.
Näme üçin ýaşuly nesil tehnologiýany kabul edip bilenokka? Elbetde olara kynrakdyr, ýaşlar welin juda basym kabul edýär. Munuň özi biziň nukdaýnazarymyzdan ýaşlaryň aň tizliginiň ýokarylygyny hem-de nukdaýnazar babatynda gerekliligi öwrenmek – ýagny ýaşlara tehnologiýa uly nesilden has köp zerur bolmagy ähtimal diýen düşünje döredýär. Ýaşuly nesliň tehnologiýa öwrenişmesi elbetde aňsat zat däl. Şeýle-de bolsa, häzirki zaman tehnologiýalaryň ösen zamanynda ýaşaýan adamlaryň- ýagny ýaşy uly nesliň Ýer togalagyndaky ynsanlaryň agramly bölegini tutýandygy welin çyn.
Tehnologiýanyň zerurlygy durmuş şertlerine laýyklykda içki harasatlaryny öz kalbynda gelejegi diýip, besleýän ýaşlara degişli hasap etmek, dogrusy ýaşlaryň aňynda gelejegini tehnologiýada görmek endigi bolmagy bu biraz ýene-de oalryň tehnologiýany näme üçin çalt öwrenýändiklerine mysal bolup biler. Çünki ynsan nesli arkama-arka dowam edip gelýär. Tehnologiýa bolsa, gün-günden ösýär.
Işjeňligi elden bermeýän beýni bolaýmasa, tehnologiýanyň ösüş çaltlygy ýörüte ylym hökmünde tizligini artdyrýar. Onyň yzyndna ýetmek mümkin däl, hat-da bu kä halatlarda ýaşlara hem

mümkinçilik bermeýär.
Sebäbi ösüşleriň sakasynda aň ýaryşlary hem-de ddnüýäniň geň galdyrmak islegi bolan meşhurlyň ýoňy bar. Bu zatlaryň ählisini töwerekelýin alanyňda hakyda motorynyň yzyndan ulanyjy hökmünde hiç wagt ýetmek mümkin däl bolsa-da ýaşlar bu ösüşleri uly ýaşly adamlara garanyňda has köp kowalaýarlar.
Bu bolsa, olaryň köp gyzyklanmalardan ýaňa, uly nesle öwretmek, ulanmak netijeliligini gazanmak üçin Emma köplenç ýagdaýlarda uly nesle tehnologiýanyň mümkinçiliklerini, ýagny belki-de öz elinde ulanýan telefonynyň mümkinçiliklerini, belki-de komputeri açmak üçin ýönekeýje usullary sabyrlylyk bilen öwretmelidirler. Uly nesil tehnologiýanyň ösüşleriniň yzyndan ýetjek bolup ýörenok. Şol sebäpli-de oalryň beýni durulygy haýsydyr belli bir tehnologiýanyň ulanylyşyny öwreneninde çalt alman hem duranok. Ýaşlaryň tehnologiýany çalt öwrenmekleriniň sebäbini düşündirmäge ýene-de köp zatlar sebäp bolup biler. Muny ylmy çaklamalar babatynda hem öwrenmek zerurdyr. Biz ýaşlar bu günki gün tehnologiýany özümizde ornaşdyrmak bilen çalt ýöreýän “planetanyň” dinamikasyna goşulmagy intuisiýa arkaly isleýän bolmagymyz hem ähtimal. Şol sebäpli-de belki-de gelejekki “maşyn eýýamynyñ” öňünde has gujurly durmak gerekdir.

Aşyrgeldi BAÝRAMOW,
Türkmenistanyň injener-tehniki we Ulag Kommunikasiýalary institutynyň talyby. Nukdaýnazar